# Söýgi şerbeti / rubagylar

Category: Goşgular,Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Söýgi şerbeti / rubagylar SÖÝGI ŞERBETI



*(Rubagylar çemeni)*
Lebleri bal kibi ak ýüzi Aý gyz,
Barça gözellere bir özi taý gyz,
Men aşyga nazar salgyn, dem salym,
Ýogsam ýagty gündiz tümlükdir, aý gyz.

* * *

Şahandaz ýigidiñ gaýgysyz seri,
Daýhana bagt getir mañlaýyñ deri,

Jahyllyk çagyma dolady, gör-ä,
Bir pursat ýylgyrşyñ ak saçly peri.

* * *

Wah, şol peri-peýker erkimi aldy,
Deregne kalbyma ataşyn saldy,
Bu sähranyñ goltugynda-goýnunda,
Meniñ başky söýgim ~ armanym galdy.

* * *

Haýran eder, oýun-bazlaryñ seniñ,
Bilbili küýsetmez, sazlaryñ seniñ,
Jellat gözleñ onki süññüm gagşatsa,
Meýdanly gujagyñ ~ ýazlaryñ seniñ.

* * *

Asal dek lebleriñ ~ ýukajyk gaýmak,
Mähirli ýüzüñden ýok maña doýmak,
Barmak dişläp uýalmagyn, melegim,
Hakyñ eradasy söýülmek-söýmek.

* * *

Gazansyz gaýnaýyp, otsuz bişmişem,
Bikararam, menzil-menzil aşmyşam,
Bilginiñ, eý dostum, munuñ sebäbin,
Yşkyñ apat söwdasyna düşmüşem.

* * *

Men şamar saçlaryñ ýesiri-bendi,
Ataşsyz näziñe jigerim ýandy.
Ýüzüñ şuglasyna, eý perim, gije,
Asmanyñ täk Aýy, ýyldyzlar söndi.

* * *

Ýöräp däl, yrakdan uçup geleýin,

Mal-mülkden, barymdan geçip geleýin,
Serwim, öňde-soňda ölmeli bolsa,
Men yşkyň oduna ýanyp öleýin.

* * *

Ylham sen, kalbyma gazallyk berýäň,
Hut Aýyň özüne gözellik berýäň.
Indi aýra düşüp, ak saçly perim,
Ýatlamalar bolup düýşüme girýäň.

* * *

Şady-horram gezip, ýürekden gül sen,
Kim dostuň-duşmanyň parhyny bil, sen.
Bu panydan gitmejek ýok bakyýa,
Razy otsuz ýakýan näziňden ölsem.

* * *

Asal şirinligi sözleňde galdy,
Ataşsyz ýandyrmak näzleňde galdy.
Aýralykdan soňam gülgün sähramda,
Ýar basan yzlary gözlemde galdy.

* * *

Sadap haýran galar ap-ak dişiňe,
Arzuwlaň siňipdir eden işiňe,
Täleý aýra salyp, biarman indem,
Bir ýatlama bolup girsem düýşüňe.

* * *

Okalmadyk kitap ~ ýüregim açsam,
Yrakdan ýanyňa guş kimin uçsam,
Ýapraklary tänen baglaň içinde,
Güýz damjasy bolup lebiňe gaçsam.

* * *

Ökde tebip biler gözüñden halyñ,
Ölseñem, iliñe bolmasyn alyñ.
Eý perim, baýlygy-zeri näderin,
Bir ýylgyryp baksañ şol dünýe malym.

* * *

Ýagşylyk edilse ýada salgynyñ,
Zeriñ deregine alkyş algynyñ.
Başky söýgim, meniñ teşne kalbyma,
Dagdan akýan sowuk çeşme bolgunyñ.

* * *

Derdi-hal aýtmagyl mesiñ ýanynda,
Bikärler görülmez adam sanynda.
Başky söýgim, maña kän zat gerek däl,
Bir owurt şerbet bol ýürek ýananda.

* * *

Bikararam, mejnun bolup giderin,
Zülpüñ tarlaryna sežde ederin.
Kalbymyñ bahary, dinim-imanym,
Sensiz, bir dem bu jahany näderin?!

* * *

Men güýzde doguldym, sataşdym saña,
Onsoñ apalaýan şu pasly diñe.
Eý saky, meý guýma, munsuzam bilseñ,
Jahana sygamok söýgüden ýaña.

* * *

Bahylçylyk eder adamyñ pesi,
Müñ serçä misli ok bir gyrgyñ sesi,
Kalbymy heýjana salyp dur, dostum,
Başky söýgiñ beren şirin gussasy.

* * *

Derin döken ýüpek geýip, iýer ýag,
Bürgütsiz ýalñyzdyr başy belent dag,
Gizlejek däl, gözüm gidýär bagtyña,
Gyzyñ leblerinde irkilen ak çyg.

* * *

Bakyşyñ ýaşylbaş ördege meñzär,
Ýakyşyñ magşaryñ oduna meñzär.
Uýalyp, söýgiñi gizlejek bolma,
Gözlemden öñünçä ýüregim syzar.

* * *

Miwe iýmez yhlasyny bermedik,
Namartdyr ol jeñde döşün germedik,
Bu ýagty jahana geldi-gelmedi,
Yşkyñ şerbetini dadyp görmedik.

* * *

Pynhan syryñ ilki saklagyn özüñ,
Soñky döwüm nany çyn dosta dözüñ,
Şady-horramlykdan geçerin, belki,
Şirin gussasyna näzenin gyzyñ.

* * *

Gylyçlar köp ýatsa gynynda synýa,
Der dökene ýagşy döwranlar dönýä,
Magat göz ýetirdim, sataşyp saña,
Yşkyñ şerbetinden ýasalmyş dünýä.

* * *

Näziñ magşar ody, gözleriñ umman,
Bal karar eýlemez lebiñden damman,
Towlam-towlam zülpüñ inçe tarlary,

Owsun atýar keýgim, ah, aman-aman…

* * *

Ruhubelentlik türkmen bilendir,
Hak söz üçin jigerini dilendir,
Kalbyñ gemre baglap, busup oturma,
Bahar gapyñ kakýar, söýgi gelendir.

* * *

Bir şirin çalynan mukam-sazmy sen?
Jahana sygmaýan ýaşyl ýazmy sen?
Gözellikde Aýyñ husnuny baglap,
Hemem meñ bagtyma çykan gyzmy sen?

* * *

Ýagşy söze ynsan göwni galkynar,
Alkyş alan iki dünýe ýalkanar.
Meni ýuwutjak dek, behişti perim,
Gara saçlañ umman bolup tolkunar.

* * *

Läle-reýhanlyk görküdir ýeriñ,
Noş bolmaz janyña haramy zeriñ.
Eger teşnelikden ejir çekäýsem,
Dostlar, diñe söýgi şerbetin beriñ.

* * *

Ýyl kerweni geçip, ömür gädiler,
Zähmet çeken il içinde at alar.
Gara gözleñ bir uçgunjyk düşürdi,
Indi, keýgim, rahat kalbym ot alar.

* * *

Dana bir söz diýse, siz gulak asyñ,
Il içinde egni gysyk bor asyñ.

Bagdan tänip düşýän guran ýapraklar,
Belki, saña bolan synan yhlasym.

* * *

Watan gereklese geçiler serden,
Zer dänesi üýşer dökülen derden.
Çytylsañ-da, sowuk gyş howasy dek,
Ýaşyl bahar bolup kalbyma girdiñ.

* * *

Sonky deme deñiç çyn dost garaşar,
Sähra gurdy barça ite daryşar.
Görüñ ahyr, ýüregiñi gozgalap,
Kamar gyza, gyz kamara ýaraşar.

* * *

Iliñ bähbidinde bar bolsun paýyñ,
Enäni ynjytma, jennetdir jaýyñ.
Gaýmak lebleriñden şirin bal damsa,
Ýüzüñ nury siñmiş husnuna Aýyñ.

* * *

Bir gez beýgelersiñ alkyş aldygyñ,
Peselersiñ kinäñ ýada saldygyñ.
Dañ säherde girip bilsem düýşüñe,
Jahanda iñ bagtly adam boldugym.

* * *

Ýürege dert ýaman sözüñ azary,
Allygy bilmez hiç dana nazary.
Ak gara dönse-de gara saçlarym,
Püre-pürdür şirin söýgiñ güzeri.

* * *

Zer ýylpyldap, garagyñy gapmasyn,

Öý döwletdir, onda jenjel gopmasyn.
Aýna kimin ýüz görünýän ýüzüňden,
Serwi gyz, bir ýigit aldap öpmesin.

* * *

Adam ogly mydam dogry sözlesin,
Elýaglygyn gözýaşlara ezmesin,
Ýuka dodaklary aby-haýýatym,
Sen bagtly däl, bagt seni gözlesin.

* * *

Aýyň kamatyny ýüzüňde gördüm,
Asal şirinligin sözünde gördüm,
Magşaryň ataşy näziňde perim,
Yşk hözirin gujak-ýazyňda gördüm.

Annatagan NURGELDIÝEW. Goşgular